Türkmenistanyň baý we gadymy binagärçilik mirasy bar. Etnografik öwrenişleriň we arheologik gazuw agtaryşlarynyň netijeleri, häzirki döwürlerde we IX-XII asyrlarda ýa-da soňky döwürlerde, GünortaTürkmenistanyň Merw, Peşan, Daňdanakan, Amul, Zemm, Saragt, Mehne, Abywerd, Kufen, Nusaý, Ýazyr, Dehistan, Ahur we beýleki ululy-kiçili şäherleri, Demirgazyk Türkmenistanyň Köneürgenç, Zamahşar, Wezir we beýleki şäherleri uly ösüşde bolupdyrlar. Türkmenistandaky şäher-kentler şol döwürde medeniýetiň, binagärçiligiň, sungatyň, ylmyň dürli ugurlarynyň juda gülläp ösen ýeri hasaplanylypdyr.
Ýurdumyzyň Mary welaýaty taryhy ýerlere baý ülkedir. Soňky zamanlarda alymlar tarapyndan Garagum çölüniň çägeleriniň jümmüşinde Murgap derýasynyň gadymy akymynyň ugrunda ýaşan köne döwür ilatynyň ýaşan mesgenlerini öwreniş işleri geçirilipdir. Murgabyň gadymy akymynyň ýakalaryny özleşdirmäge synanyşyklar mis-daş (eneolit) döwründäki (miladydan öňki IV müňýyllyk) günorta Türkmenistanyň ýerli taýpalaryna degişli bolupdyr. Soňky şowly synanyşygy, tanymal alym W.I. Sarianidi has giçki eýýama, akkad döwrüne (miladydan öňki 2250-2000 ýyllara) degişli edýär, belki has düýpli ylmy öwrenilişler alnyp barylsa, bu ýerde ondan biraz irräkki ýaşaýyş mesgenleriniň hem üsti açylmagy mümkin.
Bu ýurt Mesopotamiýa bilen Hind derýasynyň arasyndaky çäklerinde agalyk eden we bütin ýakyn Gündogaryň ykdysadyýetinde, şeýle hem medeniýetinde möhüm orny eýelän gadymy ýurt bolupdyr. W.I. Sarianidi: «Köp sanly ägirt uly köşkler, belent ymaratlar, şa gonamçylygy, iň baý gonamçylyklar, gadymy sungat eserleri özleriniň ähli geň galdyryjy täsinlikleri bilen bu ýerde ozal mälim bolmadyk dünýä medeniýetiniň gadymy merkeziniň bolandygyna ynandyryjylykly şaýatlyk edýärler. Ol «Merkezi Aziýa» diýlip atlandyrmagyň hakyky hukugyna eýedir» diýip belleýär. Häzirki döwürde Gadymy Mary topragynyň dünýäniň bäşinji gadymy siwilizasiýasynyň ýerleşen ýeridigi dünýä alymlary tarapyndan ykrar edildi. Bu örän buýsandyryjy hadysadyr.

**Annamuhammet HUMMIÝEW**

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026